# Bir betlagam goňşy hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bir betlagam goňşy hakda BIR BETLAGAM GOŇŞY HAKDA

Goňşym gaharjaňdyr, degseň sylamaz,
Degmeseňem sylap goýýanlardan däl.
Ynsap hakda okabersin takaly,
Barybir mal-mülkden doýýanlardan däl.

Satar seni jygba-jyga gelende,
Jygba-jyga gelmese-de satýandyr.
Aýy dostlugyny ýatdan çykarma,
Birje çawuş çaksa bagtyň ýatandyr.

Bir tarapa eňse eňer-de gider,
Bilmersiň asyl-ha yza gaýtaryp.
Çagasyna seretmeli heleýi,
Rul başynda oturandyr jaýtaryp.

Goňşymyň gürrüňin beremde saňa,
Ony tanamadyk bolýarsyň, jora.
Ol seňem goňşyň-a, obadaşyň-a,
Gowusy, sen muny ataňdan sora…

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular